# Kitaplar / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Kitaplar / hekaýa

KITAPLAR

…Kitaphana girenden Didaryň begenjinden ýaňa demi tutuldy. Ol ilki bada özüniň şu giden genji-hazynanyň arasynda durandygyna ynanman, gözlerini tegeläp, demini içinde saklap durdy. Birdenem ony gaty iýermen hem açgöz adamyň uzaga çeken açlykdan soň dürli-dümen nazy-nygmatlardan doly desterhany görendäki ýaly, açgözlük gaplap aldy.
Ol okuwçy sebedini gapdalynda duran oturgyjyň üstüne oklady-da, kitaplardan hyryn-dykyn tekjelerdir-tahyllara topuldy. Onuň bu kitaplaryň barysyny öýüne äkidip, her haýsyny onlarça gezek, bir demde okap çykasy gelýärdi. Emma olaryň hemmesiniň birden özüne berilmejegine düşünýändigi üçin, ol birbada haýsy kitaby saýlap aljagyny bilmän, aljyrady. Sebäbi olaryň barysy Didar üçin gyzyklydy, olaryň her birini onuň birinji okasy gelýärdi.
Ahyryn, ol birneme ikirjiňlenip duranyndan soň, iki-üç sany galyň kitaby seçip aldy-da, sebedine saldy. Soňam kitaphananyň işigini gulplady. Açaryny hem mekdebiň kitaphanaçysy bolan, saryja, kiçijek ýüzli, pessejik boýly gyz – Marala eltip berdi.
Maral Didary gowy göreni üçinmi ýa-da özi kitap bermäge ýaltanany üçinmi, Didar kitap sorap barsa: “Bar, özüň al-aý!” diýip, kitaphananyň açaryny berip goýberýärdi. Onsoň ganat baglana dönýän Didar, guş bolup uçup baryp, çaň basyp giden, başly-barat goýlan kitaplardan doly kitaphananyň gapysyny açýardy-da, üýtgeşik bir lezzetli tolgunma bilen okamaga kitap saýlanyp gaýdýardy.
Maralyň oňa açar ynanýanynyň sebäbi, birinjiden-ä Didaryň mugallymçylyk ugrundan gaýybana okaýan, şol bir wagtda-da mekdebiň başlangyç synplaryny okadýan uly gyz uýasy Maralyň

jorasydy. Ikinjidenem kitaphana Didar we ýene-de birki sany okuwçy gyzlardan başga barýanam ýokdy. Munuň sebäbi-de kitaphana baryp, kitap almak, okamak, ökde bolmak, mekdebiň okuwçy oglanlarynyň arasynda üýtgeşik bir uýat zat, edil ýöne masgaraçylykly züwwetdinligiň bäri ýany hasaplanýardy.

Ýöne bu ýagdaý Didaryň kitaba bolan höwesini kemeltmeýärdi. Dogry, ony okaýanlygy üçin, güýçli bilesigelijiligini gandyrmaga jan edýändigi üçin kemsidýärdiler, ýekesiredýärdiler. Şol zerarly ol mekdebiň okuw sapaklaryndan hem sowapdy. Ýöne kitaplardan welin, ony hiç zat sowadyp bilmeýärdi.

Ol kitap okaýandygyny ýoldaşlaryndan gizleýärdi. Kitaphana gidende-de, deň-duşlarynyň gözüne güýdüşip, ogrynça gidýärdi. Hatda kitaplardan okan zatlaryny birine gürrüň beresi, biri bilen paýlaşasy gelip, ýüregi ýarylyp barsa-da, bu duýgysyny özünde basyryp, töweregindäkilere görä, diýesi gelmeýän, suwjuk, kilçik, ýuwan zatlary gürleýärdi.

Okamagy öwrenip, çeper edebiýata imrigeli bäri, her bir okalan kitap, onuň üçin uly bir şatlykly hadysa öwrülýärdi. Onsoň ol indiki kitaby okap başlaýança, öňki kitabyň täsirinden çykyp bilmän, birküç günläp eserdäki wakalary huşunda aýlap, onuň her bir öwrümini, her bir duýgusyny-pikirini özi başyndan geçirýän ýaly, duýup gezýärdi…

…Didar açary berip gideninden soňra, Maral ýanynda oturan Didaryň uýasyna söz gatdy:

-A gyz, Akgül, seniň şu jigiň-ä alym bolup ýetişjek öýdýän. Öňler-ä her gezek gelende: “näçe kitap aldyň?” diýip, sorardym welin, ind-ä soramaýarynam. Sebäbi hökman üç-dörtden az almaýar. Özem alanyny iküç günden soň getirýär. Ilki-ilkiler-ä: “dört kitaby üç günde okaýarmyň?” diýip ynanmaýardym welin, soňra üns bermegimi-de goýdum. Dogrudanam okaýarmy?…

Akgül egnini gysdy-da, gülümsiredi. Maralyň sowalyna jogap berende bolsa onuň sesi birhili zeýrenýän ýaly eşidildi:

-Wah, hawa-la! Muňa alaç boljak däl. Öýde haçan görseň şol kitaby gujaklap ýatyr. Çaga diýeniň bir oýnap zat eder, bu welin beýle däl. Diňe kitap, diňe kitap, elmydama şol kitap. Öňräk dagy dişi agyryp, öz-ä çydaman burlup ýatyp welin,

şonda-da ýüzüni-gözüni bürüşdirip elinde kitapd-a…Wiý, a gyz, öňräk bolan zady diýsene…
Bir gülküli waka ýadyna düşen Akgül, elini çarpyp güldi-de, Marala gürrüň berip başlady:
-Bu, ýaňky Didara kakam: “Gijäň bir wagtyna çenli kitap okaýarsyň. Gün ýaşyp, düşek ýazylandan soň eliňe kitap alanyňy göräýsem, gaty görme! Ýaňy dokuz ýaşadyň, haçan görseňem eliň kitaply, däliräsiň gelýärmi?” diýip, gaty käýýedi. Onsoň bu hem gije kitap okamasyny goýdy. Ýöne täze bir zady endik edindi. Garaňky düşen badyna ýorgana sümlüp, bürenip ýatmagy çykardy…
Akgül birden gülüp goýberdi-de, ýene-de yzyny aýtdy:
-Onsoň bar-a, bir gün ejem: “Şunuň ýatanda-da gorsanmasy köpeldi-le, baslygýan bolaýmasyn” diýip, ýorgany üstünden serpse, ine, ýaňky, eli kitaply, gözüni jüýjerdip ýatyr diýýär. “Nädip, ýorganyň aşagynda okap bilýäň?” diýip gyssasalar, ol: “Ýorganyň deşigi bar. Şondanam kitabyň ýekeje setirine yşyk düşýär. Onsoň setiri şoňa laýyklaýaryn-da, kitaby eýläk-beýläk süýşürip okaýaryn” diýip, jogap gaýtarýar…
-Nätdiň gyz?! Şeýdip okaýan ekenmi? Wa-eý ony?! Ony ylym uraýmasyn birden …
-Agzyňdan haýyr aç, gyz! Ylym bir urmawersin. Gaýta, men-ä ol ýazyjy beýleki bolup ýetişäýermik-ä diýýärin…Ondan ýöne alym-a çykmaz. Sebäbi ol okuw kitaplarynyň ýüzüne-de seredenok. Bar okaýany diňe çeper eser…
Didar bolsa bu wagt şol okuw gününiň iň soňky sapagynda begençli tolgunmadan dolup, sabyrsyzlyk bilen sapagyň tizräk gutarmagyna garaşýardy.
Onuň kellesinde at salýan pikirleri hem diňe sebedindäki kitaplary hakyndady…
“Çaltrak bir sapak gutarsa. Öýe baryp şol kitaby okap başlasam…Onsoňam… Onsoňam…Kakamdan iki manat pul alyp, dermanhananyň gapdalyndaky gazet satýan dukandan şol kitaby satyn alsam…Gaty hezil kitap bolmaly. Ady nämedir-ä şonuň? Hany ýada salaýyn!…Hany ýada salaýyn!…Hä tapdym …„Robinzon Kruzo”…
Kitabyň adyny ýadyna salanyndan soň bolsa Didaryň pikirleri

ýuwaşlyk bilen başga ugra syrygyp başladylar. Onsoň assajadan mugallym hem, onuň düşündirýän deňlemeleri hem ünsden düşüp, oňa derek Didaryň hyýalbent gözleriniň öňünde okan kitaplarynyň gahrymanlary peýda bolup ugrady.
Lemýuel Gulliwer, Äpet Gargantýua hem-de onuň ogly Pantagrýuel, kelesaň Don Kihot, ýalaňaç Maugli, edermen Tarzan, Kapitan Nemo, bezzat Tom Soýer, kinniwanja Saahesdir, Ýartygulak bilen Şyrdak, pälwan Görogly, Aly-baba we Aladdin, Piter Pendir akmajyk Alisa, Iwanuşka-samsyjak hem Aldarköse bilen Ependi…bularyň bary onuň hyýalyny doldurdylar…
Bu toslanyp tapylan, ajaýyp adamlar Didaryň çaga aňynyň her bir öýjügüni hemişe eýeläp durup, onuň hyýalyny güýmeýärdiler. Ýaş çaganyň entek hiç zada düzüwli düşünip bilmeýän göwnünde özlerine ägirt uly söýgi döredýärdiler. Olaryň gozgan söýgüsi hem ýuwaşlyk bilen, Didar ulaldygysaýy onuň daş-töwereginde ýaşaýan adamlara geçip barýardy. Sebäbi Didar ulaldygyça-ösdügiçe öz ene-atasynda, doganlarynda, dostlarynda şol ajaýyp adamlaryň bir ajaýyp zatjagazynyň bardygyny görýärdi, duýýardy. Şol ajaýyplyklaryň diňe kitapda däl-de hakyky durmuşda hem bardygyny duýmagy bolsa oňa üýtgeşik bir… söz bilen düşündirip bolmajak lezzeti berýärdi…

1994 ý.

Hekaýalar